**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Balkan welaýat maliýe-ykdysady**

**orta hünär okuw mekdebi**

**“Buhgalterçilik hasaba alnyşy”, “Maliýe we karz”, “Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş” hünärleriniň**

**II ýyl talyplary üçin (21-25-topar IV ý.ý.)**

04.02.2016ý. 05/202 – t esasynda TYA-da makullanylan we Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenilen nusgalyk okuw maksatnamasy esasynda taýýarlanan

**“Audit” dersiniň**

# IŞ MAKSATNAMASY

## Düşündiriş ýazgysy.

Dürli eýeçilikdäki kärhanalary, edaralary we guramalary üstünlikli dolandyrmakda, dolandyryş çözgütlerini, kararlaryny kabul etmekde buhgalter hasabynyň we maliýe hasabatynyň maglumatlary giňden ulanylýar. Şol sebäpli hem bu maglumatlaryň ygtybarly bolmagy zerurdyr.

Buhgalter hasabynyň we maliýe hasabatynyň maglumatlarynyň ygtybarlylygyna baha bermek üçin kärhanalarda, edaralarda we guramalarda hojalyk serişdeleriniň hereketi boýunça amala aşyrylýan hojalyk amallarynyň kanunalaýyklygynyň, buhgalter hasabynyň guralyşynyň we ýöredilişiniň Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna gabat gelşiniň öwrenilmegi zerur bolup durýar.

“Audit” dersi auditorçylyk işiniň guralyşyny, auditiň usulyýetini, ykdysady subýektleriň maliýe hojalyk işleriniň, buhgalter hasabynyň guralyşynyň we ýöredilişiniň kanunçylygynyň talaplaryna gabat gelşiniň we maliýe hasabatynyň maglumatlarynyň ygtybarlylygynyň barlagynyň geçirilişini öwrenmäge mümkinçilik berýär.

“Audit” dersiniň öwrenilmegi Ykdysady nazaryýet, Buhgalter hasaby, Salgytlar we salgyt salmak, Hojalyk işiniň analizi we beýleki ykdysady dersleriň esaslaryny bilmeklige daýanýar.

Buhgalterçilik hasaba alnyşy”, “Maliýe we karz”, “Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş” hünärleriniň II ýyl talyplary üçin “**Audit”** dersi boýunça okuw sapaklarynyň paýlanylyşy.

| Okuw ýyly | Ýarym ýyl | Sagatlaryň jemi sany | Şol sanda | | Hasap | Synag |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Umumy sapak | Amaly sapak | | |
| 2 | 4 | 56 | 28 | 28 | 4 | - |

Buhgalterçilik hasaba alnyşy”, “Maliýe we karz”, “Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş” hünärleriniň II ýyl talyplary üçin “**Audit”** dersi boýunça okuw sapaklarynyň paýlanylyşy.

| T/b | Temalaryň ady | Sagat sany | | |
|---|---|---|---|---|
| | | Jemi | Şol sanda | |
| | | | Umumy okuw | Amaly okuw |
| 1 | **1-nji tema:** Auditorçylyk işi barada düşünje, onuň maksady we wezipeleri. | 4 | 2 | 2 |
| 2 | **2-nji tema:** Türkmenistanyň auditorçylyk işiniň hukuk we guramaçylyk esaslary. | 4 | 2 | 2 |
| 3 | **3-nji tema:** Auditor barlagynyň guralyşy. | 4 | 2 | 2 |
| 4 | **4-nji tema:** Auditor subutnamalary. | 4 | 2 | 2 |
| 5 | **5-nji tema:** Esaslandyryş resminamalarynyň we esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklaryň auditi. | 4 | 2 | 2 |
| 6 | **6-njy tema:** Esasy serişdeleriň hasabynyň auditi. | 4 | 2 | 2 |
| 7 | **7-nji tema:** Maddy däl aktiwleriň hasabynyň auditi. | 4 | 2 | 2 |
| 8 | **8-nji tema:** Önümçilik ätiýäçlyklarynyň hasabynyň auditi. | 4 | 2 | 2 |
| 9 | **9-njy tema:** Kassa amallarynyň auditi. | 4 | 2 | 2 |
| 10 | **10-njy tema:** Hasaplaşyk we gaýry hasaplardaky amallaryň auditi. | 4 | 2 | 2 |
| 11 | **11-nji tema:** Hasaplaşyk amallaryň auditi. | 4 | 2 | 2 |
| 12 | **12-nji tema:** Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditi. | 4 | 2 | 2 |
| 13 | **13-nji tema:** Taýýar önümleriň we olaryň ýerleşdirilişiniň hasabynyň auditi. | 4 | 2 | 2 |
| 14 | **14-nji tema:** Maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň auditi. | 4 | 2 | 2 |
| **Jemi** | | **56** | **28** | **28** |

## Sapaklaryň meýilnamasy

**1-nji tema:** Auditorçylyk işi barada düşünje, onuň maksady we wezipeleri.

1. Maliýe gözegçiligi we onuň görnüşleri. Döwlet gözegçiligi. Pudaklaýyn gözegçilik. Pudakdan daşary gözegçilik. Garaşsyz auditor gözegçiligi. Içerki hojalyk gözegçiligi.
2. Auditorçylyk işi barada düşünje, onuň mazmuny we zerurlygy. Auditorlyk işiniň toparlanyşy, maksady we wezipeleri. Daşarky we içerki audit. Hökmany we meýletin audit. Hökmany audite degişli ykdysady subýektler. Audite ugurdaş hyzmatlar. Auditorlyk işiniň esasy ýörelgeleri we düzgünleri.
3. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 1-nji bölüminden öwütler.

**2-nji tema:** Türkmenistanyň auditorçylyk işiniň hukuk we guramaçylyk esaslary.

1. Türkmenistanda auditorlyk işiniň düzgünleşdirilişi. Auditiň halkara we milli standartlary. Auditorçylyk işiniň ygtyýarnamalaşdyrylyşy.
2. Auditorçylyk işini amala aşyrýan taraplar. Özbaşdak auditor. Auditor guramasy. Özbaşdak auditorlaryň we auditor guramalarynyň hukuklary we borçlary. Auditoryň hünärmençilik edebiniň kadalary. Auditorçylyk edarasy, onuň esasy wezipeleri we hukuklary.

**3-nji tema:** Auditor barlagynyň guralyşy.

1. Audit geçirmek we audite ugurdaş hyzmatlary etmek barada teklip haty. Audit geçirmek we audite ugurdaş hyzmatlaryň edilmegi üçin şertnama.

2. Auditor barlagynyň tapgyrlary. Auditor barlagynyň meýilnamasy we maksatnamasy.
3. Auditde düýplilik. Auditor töwekgelçiligi. Auditor barlagynyň netijesiniň resmileşdirilişi. Auditorçylyk hasabaty. Auditorçylyk netijenama.
4. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 2-nji bölüminden öwütler.

**4-nji tema:** Auditor subutnamalary.

1. Auditor subutnamalarynyň mazmuny. Auditor subutnamalarynyň toparlanyşy. Ýygnalýan ýeri boýunça auditor subutnamalary. Içerki subutnamalar. Daşarky subutnamalar. Garyşyk subutnamalar. Alnyş usullary boýunça auditor subutnamalary. Göni subutnamalar. Gytaklaýyn subutnamalar. Beriliş görnüşi boýunça auditor subutnamalary. Resminamalaýyn subutnamalar. Dilden subutnamalar. Gözegçiligiň netijesinde alnan subutnamalar.
2. Auditor subutnamalaryna bildirilýän talaplar.
3. Auditor subutnamalarynyň maglumat çeşmeleri. Auditor subutnamalaryny almagyň usullary.

**5-nji tema:** Esaslandyryş resminamalarynyň we esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklaryň auditi.

1. Esaslandyryş resminamalarynyň we esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklaryň auditiniň maksady we wezipeleri.
2. Auditiň maglumat çeşmeleri. Esaslandyryjy resminamalar, baş kitap, maliýe hasabaty, kärhananyň hasap syýasaty barada buýruk, jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary.
3. Esaslyk maýanyň emele gelşiniň we hasabynyň auditi. Esaslandyryjy resminamalar bilen tanyşmak. Esaslyk maýa goýulýan goýumyň dolulygynyň we özwagtlylygynyň barlagy. Esaslandyryjylar tarapyndan

esaslyk maýa goýulýan goýumlaryň resmileşdirilişiniň barlagy. Esaslyk maýanyň emele gelşi boýunça hasap amallarynyň auditi. Kärhananyň işiniň kanunylygynyň barlagy. Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklaryň auditi. Hasap syýasatynyň auditi.

4. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 2-nji bölüminden öwütler.

**6-njy tema:** Esasy serişdeleriň hasabynyň auditi.

1. Esasy serişdeleriň hasabynyň auditiniň maksady we wezipeleri. Auditiň maglumat çeşmeleri: maliýe hasabaty, baş kitap, jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary, ilkinji resminamalar.
2. Hasabyň obýektleriniň esasy serişdelere degişli edilişiniň dogrulygynyň barlagy.
3. Esasy serişdeleriň bahalanyşynyň we gaýtadan bahalanyşynyň dogrulygynyň barlagy. Esasy serişdeleriň hereketiniň resmileşdirilişiniň we hasabynyň auditi.
4. Esasy serişdeleriň amortizasiýasynyň hasaplanyşynyň we hasapda görkezilişiniň auditi. Esasy serişdeleriň abatlaşdyrylmagy üçin çykdajylaryň hasabynyň auditi.

**7-nji tema:** Maddy däl aktiwleriň hasabynyň auditi.

1. Maddy däl aktiwleriň auditiniň maksady we wezipeleri. Auditiň maglumat çeşmeleri: maliýe hasabaty, baş kitap, jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary, ilkinji resminamalar.
2. Hasabyň obýektleriniň maddy däl aktiwlere degişli edilişiniň dogrulygynyň barlagy.

3. Maddy däl aktiwleriň hereketiniň resmileşdirilişiniň we hasabynyň auditi. Maddy däl aktiwleriň amortizasiýasynyň hasaplanyşynyň auditi.
4. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 3-nji bölüminden öwütler.

**8-nji tema:** Önümçilik ätiýäçlyklarynyň hasabynyň auditi.

1. Önümçilik ätiýäçlyklarynyň hasabynyň auditor barlagynyň maksady we wezipeleri. Auditiň maglumat çeşmeleri: maliýe hasabaty, baş kitap, jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary, ilkinji resminamalar.
2. Önümçilik ätiýäçlyklarynyň saklanylyşynyň üpjün edilişiniň barlagy. Ammarlarda hasabyň guralyşynyň barlagy.
3. Önümçilik ätiýäçlyklarynyň bahalanyşynyň, girdeji edilişiniň dolulygynyň we özwagtlylygynyň auditi.
4. Alnan önümçilik ätiýäçlyklarynyň hasapda görkezilişiniň barlagy. Önümçilige goýberilen önümçilik ätiýäçlyklarynyň hasapdan çykarylyşynyň dogrulygynyň auditi. Önümçilik ätiýaçlyklary önümçilige goýberilende olary bahalamagyň kärhananyň hasap syýasatynda görkezilen usulynyň ulanylyp, berjaý edilişiniň barlagy. Materiallaryň ulanylyşynyň auditi.

**9-njy tema:** Kassa amallarynyň auditi.

1. Kassa amallarynyň auditiniň maksady we wezipeleri. Auditiň maglumat çeşmeleri: maliýe hasabaty, baş kitap, kassa kitaby, jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary, kassa amallary boýunça ilkinji resminamalar.
2. Kassa amallaryny alyp barmagyň düzgünleriniň berjaý edilişiniň barlagy. Kassa amallary boýunça ilkinji

resminamalaryň doldurylyşynyň we kassa kitabynyň ýöredilişiniň dogrulygynyň barlagy.

3. Pul serişdeleriniň girdeji edilişiniň dolulygynyň hem-de özwagtlylygynyň we çykdajy edilen pul serişdeleriniň görkezilişiniň dogrulygynyň barlagy. Kassa amallary boýunça buhgalter ýazgylarynyň düzülişiniň dogrulygynyň barlagy.
4. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 4-nji bölüminden öwütler.

**10-njy tema:** Hasaplaşyk we gaýry hasaplardaky amallaryň auditi.

1. Banklardaky hasaplardaky amallaryň auditiniň maksady we wezipeleri. Auditiň maglumat çeşmeleri: maliýe hasabaty, jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary, ilkinji resminamalar.
2. Ähli hasaplar boýunça bankyň göçürmeleriniň we ilkinji resminamalaryň (töleg tabşyryklary, töleg talaplary, memorial orderler) barlagy.
3. Amala aşyrylan hasaplaşyklaryň hukuk esaslandyrmalarynyň we kanunylygynyň barlagy.
4. Daşary ýurt pullary hasaby boýunça pul serişdeleriniň hereketiniň resmileşdirilişi we hasaby.
5. Hasaplaşyk we daşary ýurt pullary hasaplaryndaky pul serişdeleriniň hereketi boýunça düzülen buhgalter ýazgylarynyň dogrulygynyň barlagy.

**11-nji tema:** Hasaplaşyk amallaryň auditi.

1. Ýük iberijiler we satyn alyjylar bilen hasaplaşyklaryň auditi. Auditiň maksady we wezipeleri. Auditiň maglumat çeşmeleri: ilkinji resminamalar (şertnamalar, kontraktlar, ylalaşyklar, hasap-fakturalar, ynanç hatlary we ş.m.), hasaplaşyklaryň tükellemesiniň aktlary,

jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary, maliýe hasabaty.

2. Ýük iberijiler bilen şertnamalaryň resmileşdirilişiniň dogrulygynyň barlagy. Girdeji edilen gymmatlyklaryň dolulygynyň, bahalaryň kesgitlenişiniň dogrulygynyň, olaryň şertnamalara gabat gelşiniň barlagy. Ýük iberijiler bilen hasaplaşyklar boýunça amallaryň hasaplarda görkezilişiniň auditi.
3. Alyjylar bilen şertnamalaryň resmileşdirilişiniň dogrulygynyň barlagy. Alyjylara ugradylan harytlaryň resmileşdirilişiniň barlagy. Alyjylar bilen hasaplaşyklar boýunça amallaryň hasaplarda görkezilişiniň auditi.
4. Hasabat bermeli işgärler bilen hasaplaşyklaryň auditi. Auditiň maksady we wezipeleri. Auditiň maglumat çeşmeleri: kärhana boýunça buýruklar, awans hasabatlary we olara çatylan hasabat berilmeli pul serişdeleriň ulanylandygy barada tassyklaýjy resminamalar, jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary, maliýe hasabaty, baş kitap we beýlekiler.
5. Hasabat bermeli işgärler bilen hasaplaşyklaryň barlagynyň esasy ugurlary. Hasabat berilmeli pul serişdelerini almaga rugsat edilen tassyklanan işgärleriň sanawynyň, iş saparyna ugradylýandygy barada buýruklaryň, hakujy hasabatlary hasaba alynýan kitabyň barlagy.
6. Iş saparynyň çykdajylary üçin berlen hakujylaryň esaslylygynyň barlagy.
7. Hasabat bermeli işgärler bilen hasaplaşyklar boýunça amallaryň hasaplarda görkezilişiniň barlagy. Jikme-jik hasabyň maglumatlarynyň jemleýji hasabyň belliknamalaryndaky (baş kitap, žurnal-orderler) we maliýe hasabatyndaky maglumatlar bilen gabat gelşiniň barlagy. Býujet we býujetden daşgary gaznalar bilen

hasaplaşyklaryň auditi. Dürli debitorlar we kreditorlar bilen hasaplaşyklaryň auditi.
8. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 4-nji bölüminden öwütler.

**12-nji tema:** Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditi.

1. Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditiniň maksady we wezipeleri. Auditiň maglumat çeşmeleri: buýruklar, şertnamalar, zähmet ylalaşyklary, wezipe tertibi, ilkinji resminamalar, jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary, maliýe hasabaty.
2. Wezipe tertibiniň resmileşdirilişiniň dogrulygynyň we wezipe haklarynyň tassyklanan wezipe tertibine gabat gelişiniň barlagy. Iş wagtynyň hasabynyň tabeliniň resmileşdirilişiniň barlagy. Ýerine ýetirilen işe tölegiň resmileşdirilişiniň dogrulygynyň barlagy.
3. Hasaplanan zähmet hakynyň dogrulygynyň barlagy. Buhgalter ýazgylarynyň düzülişiniň dogrulygynyň barlagy. Zähmet hakyna edilen harajatlaryň önümiň düşýän gymmatyna goşulyşynyň esaslylygynyň barlagy.
4. Zähmet hakyndan tutumlaryň tutulyşynyň we buhgalter ýazgylarynyň düzülişiniň dogrulygynyň barlagy. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimiň hasaplanyşynyň dogrulygynyň barlagy.
5. Jemleýji we jikme-jik hasabyň maglumatlarynyň baş kitabyň we maliýe ýagdaýy barada hasabatyň maglumatlaryna gabat gelişiniň barlagy.

**13-nji tema:** Taýýar önümleriň we olaryň ýerleşdirilişiniň hasabynyň auditi.

1. Taýýar önümleriň hasabynyň auditiniň maksady we wezipeleri. Auditiň maglumat çeşmeleri: ilkinji resminamalar, jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary, maliýe hasabaty.

2. Taýýar önümleriň ammardaky hereketiniň hasabynyň barlagy. Taýýar önümleriň goýberilişiniň barlagy. Taýýar önümleriň ýerleşdirilişiniň hasabynyň auditi. Täjirçilik çykdajylarynyň hasabynyň auditi. Taýýar önümler we olaryň ýerleşdirilşi boýunça buhgalter ýazgylarynyň dogrulygynyň barlagy. Taýýar önümler we olaryň ýerleşdirilişi boýunça jemleýji we jikme-jik hasabyň maglumatlarynyň baş kitabyň we jemi peýda barada hasabatyň maglumatlaryna gabat gelişiniň barlagy.
3. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 5-nji bölüminden öwütler.

**14-nji tema:** Maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň auditi.

1. Maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň auditiniň maksady we wezipeleri. Auditiň maglumat çeşmeleri: jemleýji we jikme-jik hasabyň belliknamalary, maliýe hasabaty. Maliýe netijeleriniň emele gelişiniň, düzüminiň we hasabynyň auditi.
2. Girdejileriň we çykdajylaryň ykrar edilişiniň dogrulygynyň barlagy. Maliýe netijeleriniň ulanylyşynyň we hasabynyň auditi.

# EDEBIÝATLAR


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I,II tom. Aşgabat. TDNG, 2010 ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Paýhas çeşmesi. Aşgabat. TDNG. 2016 ý.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi”. Aşgabat. TDNG, 2017 ý.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, TDNG. 2010.
5. “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy“. Aşgabat, 2010.
6. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. Aşgabat. TDNG, 2012.
7. “Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. №7, 2010. Sah. 52-53.
8. Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnama sy. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. №7, 2010. Sah. 54-59.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2016 ý.
10. „Auditorçylyk iş hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 2014ý.
11. „Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 2010ý.

http://www.minfin.gov.tm/ addhtml/buhkanun.html
12. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewikanuny, 2004ý.
13. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat, 2000ý.
14. “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň kanuny, 2009ý.
15. “Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda” Türkmenistanyň kanuny, 2011ý.
16. “Karz edaralary we bank işi hakynda” Türkmenistanyň kanuny, 2011ý.
17. Buhgalterçilik hasaba alnyşyny maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda ýöretmäge geçmek boýunça usulyýet maslahatlary. http://www.minfin.gov.tm/addhtml/buhnsfochange.html
18. Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň mysaly meýilnamasy. http://www.minfin.gov.tm/addhtml/buhaccounts.html
19. Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary. http://www.minfin.gov.tm/addhtml/buhnsfo.html
20. Döwlet býüjet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary. http://www.minfin.gov.tm/addhtml/buhnsfogov.html
21. Eýeçiligiň görnüşine garamazdan edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň buhgalterçilik hasaba alnyşynda hasapda durýan esasy gorlaryna (serişdelerine) gaýtadan nyrh kesmek hakyndaky tertibi. http://www.minfin.gov.tm/addhtml/buhpereocenka.html
22. Hasaba alyş syýasatyny emele getirmek boýunça usulyýet maslahatlary. http://www.minfin.gov.tm/addhtml/buhaccpol.html
23. Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň Konsepsiýasy.

http://www.minfin.gov.tm/addhtml/buhnsfocon.html
24. Ataýew J.J. Audit. Okuw gollanmasy, Aşgabat, Ylym, 2006ý.
25. Ataýew O.G. Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna geçilmeginiň zerurlygy. “Beýik galkynyşlar eýýamynda ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar” halkara ylmy maslahat. 2010-njy ýylyň 12-14-nji iýuny Aşgabat, Ylym, 2010.
26. Ataýew O.G. Ykdysadyýetiň globallaşmagy maliýe hasabatyny halkara derejesinde standartlaşdyrmagyň esasydyr. “Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar” halkara ylmy maslahat. 2012-njy ýylyň 12-14-nji iýuny, Aşgabat, Ylym, 2012.
27. Ataýew O.G. Esasy serişdeleriň hasabyny maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda kämilleşdirmegiň meseleleri. Türkmenistanda ylym we tehnika. № 2, 2012. Aşgabat
28. Ataýew O.G. Maliýe hasabatlylygyň halkara standartlary: ýurdumyzda olara geçmegiň zerurlygy we ähmiýeti. Berkarar döwletiň batly gadamlary (Ylmy makalalar ýygyndysy, 2013-2). – Aşgabat: Ylym, 2013.
29. Gylyjow Ç.K., Ataýew O.G. Nebitgaz toplumynda maliýe hasabatlylygyň halkara standartlaryna geçmegiň ähmiýeti we zerurlygy. “Tükmenistanyň nebiti, gazy we mineral serişdeleri” žurnaly. №1, 2014.
30. Аннаоразов А., Атаев О.Г. Вопросы перехода на международные стандарты финансовой отчетности в Туркменистане «Экономика: теория и практические аспекты»: материалы международной заочной научно-практической конференции. – Новосибирск: Изд. «СибАК», 2013.
31. С.М. Бычкова Международные стандарты аудита СПб: Питер; М: Издательский дом БИНФА, 2009

32. А.Д. Лорионов и др. Сборник задач по аудиту с решениями (практикум). М: Проспект, 2009
33. С.М.Галузина, Т.Ф.Пупшис Международный учёт и аудит СПб: Питер, 2006
34. Воронов В.В. и др. Общий аудит, “Учебное и практическое пособия”, Москва, 1996.
35. Камышанов П.И. Аудит. “Практическое пособие по аудиту”, М, 1998.
36. Кузьминский А.Н. Аудит. “Практическое пособие”, Киев, 1996 г
37. Нитецкий В.В., Кудрявцев Н.Н. “Аудит предприятия”. Методология аудиторской проверки финансово-хозяйственной деятельности, М. 1996г.
38. Данилевский Ю.А. и др. Бухгалтерский учет и аудит: Учеб. пособие. М.: ИД ФБК – ПРЕСС, 2002
39. Шеремет А.Д., Суйц. Аудит. – М., 2004
40. Василевич И.П., Ширкина Е.И. Сборник задач по аудиту. – М. “Финансы и статистика”, 1999.